# Ýaňagyň kaf wel Kuran

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýaňagyň kaf wel Kuran ÝAŇAGYŇ KAF WEL KURAN

Ýüzüň mushyfdyr eý hüýri, ýaňagyň kaf wel Kuran,
Budur Hakdan gelen taha budur ýasyny errahman.

Gün ile aýy göklerden getirdi seždeýe husnuň,
Zehi kuwwat, zehi gudrat, zehi mugjuz, zehi burhan.

Dodagyň aby köwserdir men any sormuşam, Hyzram,
Weleýken aby heýwany kaçan ifrak eder heýwan.

Syka hem, rüb hem hamry lebi laglyň şerabydyr,
Bu meýden mest olan bildi ki hakdyr men aleýhä fan.

Ýedi gez hak ne magnydan buýrdy sežde şeýtana,
Eger zahyd sen any bil kim any bilmedi şeýtan.

Sen ol päkize jöwher sen bu gün älemde eý jan kim,
Dodagyň aby haýwandyr jemalyň rowzeýi rizwan.

Utanar aryfyň akly seni ynsan diýmez neçün,
Saňa ynsan diýmez necün ki sen-sen halykul-ynsan.

Haka egri bakan gözden ýaşyrdy ýüzüni dilber,
Göterdi perde ýüzünden gel, eý zahyd, getir iman.

Tejelliniň çyragydyr jemalyň şemgy uş gör kim
Nije nuru zyýasyndan ýanar mihru mehi taban.

Ruhuň innä fetehnädir, saçyň welleýl kad efleh,
Bu löwhüň ebjedin gör kim goýmuş hak adyn furkan.

Terildi kyssaýy Şirin, tükendi Şekeriň döwri,
Lebiň döwranydyr gel-gel ki sen-sen Husrowy döwran.

Ne derýadyr ajap yşkyň ki ýokdur heddi, paýany,

Zehi yşkyñ nehaýatsyz, zehi derýaýy bipaýan.

Gaşyñ ile kirpigiñ ýa, Reb, ne fettan ok-ýaýdyr, kim,
Felekdir tirine tirkeş, melekdir ýaýyna gurban.

Nesimi çün wysalyndan haýaty jawydan buldy,
Ýagyndyr ger diýsem hakdan kim oldy häýýi jawydan.

Seýit NESIMI. Goşgular